# Eziz Diýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Eziz Diýar Aýgözel BÄŞIMOWA

▶ EZIZ DIÝAR

Watanym, seň ýüregiňden üzülip,
Ýüreksiz ýol aşyp nirä gideýin?!
Boş göwräniň salgymyny göterip,
Bu ömrümi neneň dowam edeýin?!

Munda bir saýasyz bolup bitäýsem,
Gursagym aglaýyp, gussalar ýygar.
Eý, siz, akar suwlar, gandyrmaň meni,
Ertir göwre neneň topraga sygar?!

Jiger tutaşarmy yşkyň oduna,
Seniň körügiňden alaw almasa.
Aýlanarmy ganym lowlap damarda,
Topragyň mährinden kalbym gülmese.

Ýarsyz diýdirmesem, diýdirme ilsiz,
Durnalaň yzyndan gerekdir hatar.
Watan, sensiz maňa ömür derkar däl,
Suwsuz ýerde balyk neneňsi ýatar?!

▶ BEÝIKLIK

Syn etsene beýik-beýik daglara,
Olar bu dünýäniň syry dälmidir?!
Asmana direýip, gojaman başyn,
Garaýyp otyrşy, ýagşy pällidir.

Olar beýgeltmändir jadysy bilen,
Olar duçardylar Allaň synagna.
Ýumşamandyr gaýalary aňzaga,
Daşa dönüpdirler köňül synanda.

«Gökde Ýaradanyñ nurundan nyşan»,
Diýip apalaýar başdaky garyn.
Ýürekden akdydyp çeşmäñ bulagyn,
Diñleýänligin diý ejiziñ zaryn.

Bir özi göterip dünýäñ ýüküni,
Salgy berýär merdemligiñ ugruny.
Arkada dogup dur her säher ak Gün,
Dag üstünde dikip durmuş tuguny.

▶ SYRDAŞ

Aýly gije arzuwlarma atlanyp,
Ýyldyzlaryñ arasyna ýol salýan.
«Ýanyñyza alaýyñ-da, joralar!»
Diýip, menem olar bilen il bolýan.

Has owadan ho-ol ýyldyzyñ ýalkymy,
Men ony synlaýan golaýna süýşüp.
Zöhräñ jemalyna asmanam aşyk,
Zemin bagtlydyr şol nura düşüp.

Alnyñsa dogaýsa ýalkymyn saçyp,
Atyber bijäñi, şowludyr günüñ.
…Ak bilen garany saýgaryp bilseñ,
Bakylyk eçiler şu günüñ, düýnüñ.

▶ ÝOLUÑY SAÝLA

Sen maña ýollaýañ sowuk nazaryñ,
Gursagyna buz goýberýäñ alysdan.
Seniñ gözleriñde görünýär salgym,
Şoñ üçin sen ýalñyzlykdan halas däl.

Seniñ sowuk garaýşyñdan bez bolup,
Üzüm-üzüm boldy umytlañ tary.
Senem şo-ol gözüñi dikip otyrsyñ,
Aljak bolýan ýaly söýgüden ary.

Sen ony duýañok, emma görsene,

Ahyñ kimin ýagmyr ýagýar bulutdan.
Sowuk damja bolup ýüzüñe düşýän,
Ýazyklaryñ şarpyk çalýar dulukdan.

Öýlänçi deýg eçdiñ gitdiñ ne beýle,
Duýman galdym seniñ niçiksi halyñ.
Salgymy kowalap ýadamadyñmy,
Sagal, dünýäm, seret, saýla öz ýoluñ. Goşgular